PHILIPS

HU2510




# Ulanyjy gollanmasy

# Mazmuny


1 **Möhüm ..... 1**
Howpsuzlyk ..... 1
Elektromagnit meýdançalar (EMF) ..... 3
Zibile zyňmak ..... 3

2 **Siziň howa çyglandyryjyňyz ..... 4**
Önüme umumy syn ..... 5

3 **Başlamak ..... 6**
Çyglandyryşa taýýarlamak ..... 6

4 **Howa çyglandyryjysyny ulanmak ..... 6**
Howa çyglandyryjysyny işletmek we öçürmek ..... 6
Suwuň derejesi ..... 7
Suw guýmak ..... 7

5 **Arassalamak we abatlamak ..... 8**
Howa çyglandyryjysynyň korpusyny arassalamak ..... 8
Suw gabyny arassalamak ..... 8
Howa çyglandyryjysynyň filtrini arassalamak ..... 8

6 **Howa çyglandyryjysynyň filtrini çalyşmak ..... 9**

7 **Meseleleri anyklamak we çözmek ..... 10**

8 **Kepillik we goldaw ..... 12**
Ätiýaçlyk şaýlary ýa-da kömekçi enjamlary sargyt etmek ..... 12

# 1 Möhüm

## Howpsuzlyk

Enjamy ulanmazdan ozal şu ulanyjy gollanmasyny üns bilen okaň we ony geljekde gollanmak üçin saklaň.

### Howp

- Mör-möjekleri öldürýän dermanlar ýa-da ys berijiler ýaly ýanyjy maddalary enjamyň golaýynda pürkmäň.
- Tok urmagynyň we/ýa-da ýangynyň döremeginiň öňüni almak üçin enjamy suw we islendik başga suwuklyk bilen ýa-da (ýanyjy) arassaçylyk serişdesi bilen arassalamaň.
- Suw gabynyň içindäki suwy içmek bolmaýar. Bu suwy içmäň we ony haýwanlary ýa-da ösümlikleri suwarmak üçin ulanmaň. Suw gabyny boşadanyňyzda suwy lagym ulgamyna döküň.

### Duýduryş

- Daşky gurşawdaky ýokary çyglylyk derejeleriniň biologiki organizmleriň ösmegine getirip biljekdigi barada habarly boluň.
- Çyglandyryja golaý ýerleriň öl ýa-da çyg bolmagynyň öňüni alyň. Eger çyglyk emele gelse, çyglandyryjynyň çykyşyny aşak tarapa bakdyryň. Eger çyglandyryjynyň çykyşyny aşak öwrüp bolmaýan bolsa, çyglandyryjyny arakesme berip ulanyň. Haly, perde, mata ýa-da esgi ýaly sorujy materiallaryň çyglanmagyna rugsat bermäň.
- Ulanylmaýan wagty hiç haçan enjamyň bakynda suw galdyrmaň.
- Ýygnamazdan ozal çyglandyryjyny boşadyň we arassalaň. Indiki ulanylyşa çenli çyglandyryjyny arassalaň.
- Enjamy toga dakmazdan ozal enjamyň üstünde görkezilen güýjenmäniň ýerli elektrik ulgamyndaky güýjenme bilen gabat gelýändigini barlaň.
- Elektrik kabeline zeper ýeten bolsa, howpuň öňüni almak üçin onuň Philips tarapyndan, Philips ygtyýarly tehniki hyzmat merkezi ýa-da şoňa meňzeş ygtyýarly şahslar tarapyndan çalşyrylmagyny üpjün etmeli.

- Elektrik dürtgüjine, elektrik kabeline ýa-da enjamyň özüne zeper ýeten bolsa, enjamy ulanmaň.
- Enjamy 8 ýaşyny dolduran we has uly ýaşly çagalar, şeýle hem enjamy howpsuz görnüşde ulanmak boýunça gözükdirijiler berlen ýa-da howpsuz ulanmak boýunça gözegçilik astyndaky we degişli howplar özlerine mälim edilen ýagdaýynda fiziki, duýgurlyk ýa-da zehin ukyplary pes ýa-da tejribesi we bilimi bolmadyk şahslar hem ulanyp biler. Çagalar enjam bilen oýnamaly däl. Çagalar gözegçilik astynda däl wagty enjamda arassaçylyk we ulanyjy tarapyndan geçirilmäge degişli abatlaýyş işlerini geçirmeli däl.
- Bedene şikes ýetmeginiň ýa-da enjama zeper ýetmeginiň öňüni almak üçin howa çykalgasyna ýa-da howa girelgesine barmaklaryňyzy ýa-da başga närseleri girizmäň.
- Howa çykalgasyndan nätanyş jisimleriň enjamyň içine gaçmaýandygyna göz ýetiriň.

## Seresap boluň

- Enjam diňe adaty iş şertlerinde öý hojalygynda ulanmak üçin niýetlenilýär.
- Enjamy elmydama gury, tekiz we kese üstde ýerleşdiriň we ulanyň.
- Howa girelgesini we çykalgasyny beklemäň.
- Enjamyň üstünde oturmaň ýa-da dik durmaň we enjamyň üstüne hiç zat goýmaň.
- Diňe şu enjam üçin ýörite niýetlenilen hakyky Philips süzgüçlerini ulanyň. Islendik başga süzgüçleri ulanmak bolmaýar.
- Enjamyň depesindäki howa çykalgalaryndan suw guýmaň.
- Suw gabyny diňe şäheriň suw ulgamyndan alnan sowuk suw bilen dolduryň. Ýerasty suwy ýa-da gyzgyn suwy ulanmaň.
- Suw gabyna suwdan başga hiç zat goýmaň. Suwa ys beriji ýa-da himiki serişde goşmaň. Diňe suw ulanyň (şäheriň suw ulgamyndan alnan suw, arassalanan, mineral suw, islendik agyz suwy).
- Enjamyň gaty närseler bilen (esasanam, howa girelgesine we çykalgasyna) urulmagynyň öňüni alyň.

- Enjamy gazly enjamlaryň, ýyladyjy enjamlaryň ýa-da ojaklaryň golaýynda ulanmaň.
- Howadan suwa öwrülýän damjalaryň enjamyň üstüne dammagynyň öňüni almak üçin enjamy gönüden-göni howany sowadyjynyň aşagynda goýmaň.
- Binanyň içinde mör-möjekleri kowmaga niýetlenilen tüsseli enjamlary ulanýan wagtyňyz ýa-da ýagly galyndylaryň, ýanýan ysly serişdeleriň ýa-da himiki tüsseleriň bar ýerinde şu enjamy ulanmaň.
- Enjamy çygly gurşawlarda ýa-da hammam, hajathana ýa-da aşhana ýaly çygly gurşawlarda ýa-da daşky gurşawyň temperaturasy ýokary bolan ýerlerde ulanmaň.
- Enjamy başga ýere geçireniňizde, arassalanyňyzda, oňa suw guýanyňyzda, süzgüji çalşyranyňyzda ýa-da onda başga abatlaýyş işlerini geçireniňizde elmydama enjamy elektrik rozetkasyndan aýryň.
- Süzgüji kir ýuwujy maşynda ýa-da gap-gaç ýuwulýan maşynda ýuwmaň, ýogsam süzgüje zeper ýeter.
- Enjam uzak wagtlap ulanylmadyk ýagdaýynda süzgüçlerinde bakteriýalar ösüp biler. Suw gabyny arassalaň we çyglandyryş peltesini guradyň. Enjamy gaýtadan ulanyp başlamazdan ozal süzgüjini barlaň. Eger süzgüç gaty hapa we onda goýy tegmiller bar bolsa, ony çalşyryň.

## Elektromagnit meýdançalar (EMF)

Şu enjam elektromagnit meýdanlara sezewar bolmak boýunça degişli standartlara we düzgünnamalara gabat gelýär.

## Zibile zyňmak

Bu nyşan enjamy adaty öý hojalygy zibilleri bilen bilelikde zibile zyňmak bolmaýandygyny aňladýar (2012/19/EU)

Elektrikli we elektron önümleri aýratyn ýygnamak boýunça öz ýurduňyzyň düzgünlerini berjaý ediň. Dogry görnüşde zibile zyňmaklyk daşky gurşawa we adamyň saglygyna ýaramaz täsir ýetirýän netijeleriň öňüni almaga ýardam berýär.

# 2 Siziň howa çyglandyryjyňyz

Satyn almagyňyz bilen gutlaýarys we Philips dünýäsine hoş geldiňiz!

Philips tarapyndan hödürlenilýän goldawdan doly peýdalanmak üçin önümiňizi www.philips.com/welcome salgysynda bellige aldyryň.

Philips howa çyglandyryjysy maşgalaňyzyň saglygy üçin öýüňize arassa, çyglandyrylan howa berýär.

Ol gurak howa $H_2O$ molekulalaryny goşýan we suwly ümüri emele getirmezden saglyga peýdaly çygly howany öndürýän ýörite çyglandyryjy filtri ulanýan NanoCloud tehnologiýaly kämil bugardyş ulgamyny hödürleýär. Onuň çyglandyryjy süzgüji suwdaky bakteriýalary, kalsiý we beýleki bölejikleri tutup galýar. Ol öýüňizde diňe sap, çygly howany üpjün edýär. Indi gyş möwsüminde gury howa bolmaz ýa-da howa sowadyjysyndan gury howa gelmez.

Howa çyglandyryjysyny gurnamazdan we ulanmazdan ozal şu ulanyjy gollanmasyny üns bilen okaň. Ony geljekde gollanmak üçin saklaň.

# Önüme umumy syn



# 3 Başlamak

## Çyglandyryşa taýýarlamak

**Bellik:**

- Iň gowy çyglandyryş netijesini gazanmak üçin, enjamy ulanmazdan ozal filtri 30 minutlap suwa salyň.




1 Ýokarky blogyň iki tarapyndan tutuň we ýokary galdyryň.
2 Täze howa çyglandyryjysynyň filtriniň ähli gaplaýyş materiallaryny aýryň.
3 Täze howa çyglandyryjysynyň filtrini filtr söýgedine gurnaň.
4 Howa çyglandyryjysynyň filtri we filtr söýgedini suw bakyna goýuň.
5 Suw görkezijisiniň maksimum derejesine ýetýänçä çenli, suw bakyny sowuk suw bilen dolduryň.
6 Ýokarky blogy täzeden suw bakyna oturdyň.

# 4 Howa çyglandyryjysyny ulanmak

## Howa çyglandyryjysyny işletmek we öçürmek

1 Howa çyglandyryjysynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň.
2 basyň ýa-da howa çyglandyryjysynyň geçirgijini açyga geçiriň.
   - : Ýumşak iş tertibi
   - : Turbo iş tertibi
3 Howa çyglandyryjysyny öçürmek üçin kuwwat düwmesine basyň.



**Bellik:**

- Eger suw bakyndaky suwuň mukdary azalsa, çyglandyryjy howany çyglandyrmagy bes eder. Görkeziji çyrasy açyk.
- Howa çyglandyryjysy örän inçe bug goýberýär, netijede siziň bugy görüp bilmezligiňiz adaty zat.

## Suwuň derejesi

Suw bakynda ýeterlik suw ýok bolsa, 💧 görkeziji çyra ýanýar, howa çyglandyryjysy işlemegini bes edýär., Suw bakyna suw guýanyňyzda howa çyglandyryjysy işlemäge başlar.

**Bellik:**

- Suw bakynda biraz suwyň galmagy adaty zat.

## Suw guýmak

**Bellik:**

- Suw guýulanda suw görkezijisiniň maksimum derejesinden artyk suw guýmaň, ýogsam suwyň howa girelgelerinden daşary dökülmegi mümkin.
- Suw bakyny hereket etdireniňizde çaýkamaň, ýogsam suwyň howa girelgelerinden daşary dökülmegi mümkin.
- Howa çyglandyryjysynyň depesindäki howa çykalgalaryndan suw guýmaň.

1 Howa çyglandyryjysyny öçüriň we ony tokdan aýryň.




2 Iki tarapyndan tutmak arkaly ýokarky blogy aýryň.

3 Suw bakyny, suw bakynyň maksimum derejesine ýetýänçä çenli sowuk suw bilen dolduryň.

4 Ýokarky blogy täzeden suw bakyna oturdyň.

# 5 Arassalamak we abatlamak

**Bellik:**

- Arassalamazdan ozal elmydama howa çyglandyryjysyny tokdan aýryň.
- Howa girelgelerinden we çykalgalaryndan suw guýmakdan gaça duruň.
- Hiç haçan howa çyglandyryjysynyň islendik bölegini arassalamak üçin agardyjy ýa-da spirt ýaly iýiji, güýçli ýa-da ýanyjy arassaçylyk serişdelerini ulanmaň.

## Howa çyglandyryjysynyň korpusyny arassalamak

Howa çyglandyryjysynda tozanyň birikmeginiň öňüni almak üçin onuň içini we daşyny yzygiderli arassalaň.

1 Howa çyglandyryjysynyň korpusyndaky tozany ýumşak gury mata bilen süpürip aýryň.

2 Howa girelgelerini we çykalgalaryny ýumşak gury mata bilen süpüriň.

## Suw gabyny arassalamak

Suw gabyny arassa saklamak üçin ony her hepde arassalaň.

1 Howa çyglandyryjysynyň filtrini we filtr söýgedini çykaryň.

2 Suw bilen garylan ýumşak ýuwujy serişde garyndysyny suw bakyna guýuň.

3 Suw bakynyň içini ýumşak arassa mata bilen arassalaň.

4 Suw bakyny rakawina döküň.

5 Howa çyglandyryjysynyň filtri we filtr söýgedini suw bakyna goýuň.

## Howa çyglandyryjysynyň filtrini arassalamak

Howa çyglandyryjysynyň filtrini arassa saklamak üçin ony her hepde arassalaň.




1 Howa çyglandyryjysynyň filtrini we filtr söýgedini suw bakyndan çykaryň.

2 Howa çyglandyryjysynyň filtrini filtr söýgedinden aýryň.

3 Howa çyglandyryjysynyň filtrini bir sagatlap arassalaýjy ergine (meselem, seýreklendirilen limon kislotasynyň ergini) çümdüriň..

**Bellik:**

- Orta ýa-da kislotaly arassalaýyş erginlerini ulanyň (4L suwda 24g limon kislotasy).




4 Howa çyglandyryjysynyň filtrini haýal akýan kran suwunyň astynda durulaň. Arassalaýan wagtyňyz filtri gysmaň ýa-da towlamaň.

5 Artykmaç suwuň filtrden damyp çykmagyna maý beriň.

6 Howa çyglandyryjysynyň filtrini filtr söýgedine gurnaň.

7 Howa çyglandyryjysynyň filtri we filtr söýgedini suw bakyna goýuň.

8 Ýokarky blogy täzeden suw bakyna oturdyň.

**Bellik:**

- Filtri gysmaň ýa-da towlamaň. Şeýle etmeklik filtre zeper ýetirip biler we çyglandyryşyň netijeliligini peseldip biler.
- Filtr söýgedine täzeden gurnalmadyk bolsa, filtri güniň göni şöhlesiniň täsirinde goýmak arkaly guratmaň.

# 6 Howa çyglandyryjysynyň filtrini çalyşmak

**Bellik:**

- Diňe hakyky Philips FY1190 howa çyglandyryjysynyň filtrini ulanyň.
- Howa çyglandyryjysynyň filtriniň çalyşmazdan ozal elmydama howa çyglandyryjysyny tokdan aýryň.
- Filtri nähili çalyşmalydygy barada goşmaça maglumat almak üçin önümiňizi **www.philips.com** salgysynda hasaba aldyryň.
- Filtr söýgedine täzeden gurnalmadyk bolsa, filtri güniň göni şöhlesiniň täsirinde goýmak arkaly guratmaň.

Iň gowy netijelilik üçin her 6 aýdan howa çyglandyryjysynyň filtrini çalşyň. Eger filtr gowy ýagdaýda bolsa, ony uzagyrak hem ulanyp bilersiňiz. Howa çyglandyryjysynyň filtrini azyndan ýylda bir gezek çalyşýandygyňyza göz ýetiriň.




1 Howa çyglandyryjysynyň filtrini we filtr söýgedini suw bakyndan çykaryň.
2 Howa çyglandyryjysynyň filtrini filtr söýgedinden aýryň. Ulanylan filtri ýok ediň.
3 Täze howa çyglandyryjysynyň filtrinden ähli gaplaýyş materiallaryny aýryň.
4 Täze howa çyglandyryjysynyň filtrini filtr söýgedine gurnaň.
5 Filtri we filtr söýgedini suw bakyna goýuň.
6 Ýokarky blogy täzeden suw bakyna oturdyň.

# 7 Meseleleri anyklamak we çözmek

Bu bölümde enjamda öňüňize çykyp biljek umumy meseleler barada gysgaça maglumat berilýär. Meseläni aşakda berlen maglumatlar bilen çözüp bilmeseňiz, ýurduňyzdaky Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkeze ýüz tutuň.

| Näsazlyk | Ähtimal çözgütler |
|---|---|
| Howa çyglandyryjysy işlänok. | • Howa çyglandyryjysyna tok barýandygyna göz ýetiriň.<br>• Suw bakynda suwuň bardygyna we ýokarky blogyň ýerine ykjam oturandygyna göz ýetiriň. |
| Howa çyglandyrylanok. | • Suw bakynda suwuň bardygyna we ýokarky blogyň ýerine ykjam oturandygyna göz ýetiriň. |
| Suw baky syzdyrýar. | • Howa çyglandyryjysynyň suw bilen aşa doldurylan däldigine göz ýetiriň.<br>• Her gezek arassalanyňyzdan soň ýa-da suw doldurmak üçin ýokarky blogy we suw bakyny aýyranyňyzdan soň, howa çyglandyryjysynyň gowy gurnalandygyna/dakylandygyna göz ýetiriň.<br>• Suw gabynyň talabalaýyk ýerleşdirilendigine göz ýetiriň. Eger kemçilik dowam etse, öz ýurduňyzdaky Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkeze ýüz tutuň. |

| Näsazlyk | Ähtimal çözgütler |
|---|---|
| Gigrometrden çyglylyk derejesiniň üýtgeýşini görüp bilemok. | • Howa çyglandyryjysynyň filtrini filtr söýgedine gurnandygyňyza göz ýetiriň.<br>• Howa çyglandyryjysynyň filtri hapa. Howa çyglandyryjysynyň filtrini arassalaň ýa-da galyndylaryny aýyryň (‘Howa çyglandyryjysynyň filtrini arassalamak’ bölümine serediň).<br>• Otagyňyzyň howasy aşa köp çalşylýan bolup biler. Gapylary we penjireleri ýapyň.<br>• Otagyňyzyň ölçegi örän uly. |
| Howa çyglandyryjysynyň filtrinde ak galyndylar bar. | • Ak çöküńdilere joş diýilýär we olar suwdaky minerallardan ybarat bolýar. Howa çyglandyryjysyny filtrindäki galyndylar çyglandyryşyň netijeliligine täsir edýär, emma ol siziň saglygyňyza zyýan ýetirmeýär. Ulanyjy gollanmasynda görkezilen arassaçylyk boýunça gözükdirijileri ýerine ýetiriň. |
| Belli bir wagtdan soň filtriň reňki solýar. | • Galyndylar filtr materialynyň tebigy ýagdaýy häsiýeti bolup, ol çyglandyryşyň netijeliligine täsir etmeýär. Galyndylary aýyrmak üçin howa çyglandyryjysynyň filtrini yzygiderli arassalap duruň we her 6 aýdan howa çyglandyryjysynyň filtrini çalşyň. |
| Howa çyglandyryjysyndan ýakymsyz ys gelýär. | • Suw gabynyň suw bilen doldurylandygyna göz ýetiriň.<br>• Howa çyglandyryjysynyň filtrini arassalaň (‘Howa çyglandyryjysynyň filtrini arassalamak’ bölümine serediň). |
| Howa çykalgasyndan howa çykmaýar. | • Howa çyglandyryjysynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň we howa çyglandyryjysyny işlediň. |
| Howa çyglandyryjysyndan bugyň çykýandygyny göremok. Ol işleýärmi? | • Bug iňňän ýuka bolsa, ol göze görünmeýär. Howa çyglandyryjysynda NanoCloud çyglandyryş tehnologiýasy bolup, ol suw buguny emele getirmezden howa çykalgasyndan saglyga peýdaly çygly howany çykarýar. Şol sebäpli bugy görüp bilmeýärsiňiz. |

| Näsazlyk | Ähtimal çözgütler |
|---|---|
| Eger howa çyglandyryjysy uzak wagtlap ulanylmasa, ony nähili saklamaly we täzeden nädip işletmeli? | • Howa çyglandyryjysy uzak wagtlap ulanylmadyk ýagdaýynda filtrlerinde bakteriýalar ösüp biler. saklamak we täzeden ulanmak boýunça indiki ädimleri berjaý ediň.<br>• Ýygnamazdan ozal suw gabyny gowy arassalaň we howa çyglandyryjysynyň filtrini guradyň.<br>• Howa çyglandyryjysyny täzeden ulanyp başlamazdan ozal filtrlerini barlaň. Eger filtr örän hapa bolsa we gara tegmiller bar bolsa, filtri çalşyň (Ulanyjy gollanmasyndaky "Howa çyglandyryjysynyň filtrini çalyşmak" bölümine serediň) |

# 8 Kepillik we goldaw

Versuni bu məhsulu satın aldıqdan sonra iki il zəmanət təqdim edir. Səhv istifadə və ya zəif texniki qulluq nəticəsində qüsur yaranarsa, bu zəmanət etibarlı deyil. Bizim zəmanətimiz qanuna uyğun olaraq istehlakı kimi hüquqlarınıza təsir göstərmir. Daha ətraflı məlumat əldə etmək və ya zəmanətlə bağlı müraciət etmək üçün **www.philips.com/support** saytına daxil olun.

## Ätiýaçlyk şaýlary ýa-da kömekçi enjamlary sargyt etmek

Bir şaýy çalşyrmaly bolsaňyz ýa-da goşmaça bir şaý almak isleseňiz. Ýerli Philips dileriňize baryň ýa-da **www.philips.com/support** giriň.

Şaýlary almakda mesele ýüze çyksa, ýurduňyzdaky Philips Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkezine ýüz tutuň.

“Philips” we “Philips” Galkanly Gerbi “Koninklijke Philips N.V.” kompaniýasynyň bellige alnan söwda markalary bolup, olar lisenziýa esasynda ulanylýandyr.
Bu önüm “Versuni Holding B.V” kompaniýasy tarapyndan öndürilýär we onuň jogapkärçiliginde ýerlenýär. “Versuni Holding B.V” kompaniýasy bu önümiň kepillendirijisi bolup çykyş edýär.
2023 © Versuni Holding B.V.

Hu2510_ulanyjy gollanmasy_v1.0 (08/10/2023)